# Daşoguza buýsanjym bar, sarpam bar

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 25 января, 2025
Daşoguza buýsanjym bar, sarpam bar DAŞOGUZA BUÝSANJYM BAR, SARPAM BAR

Uzak ýollar aşyp gelerler myhman,
Saňa başyn egip, galarlar haýran,
Görenler aşygy, görmedik arman,
Daşoguza buýsanjym bar, sarpam bar.

Bitarap döwletiň bagtyň çüwmesi,
Ajap zamananyň şirin miwesi,
Mekanlar içiniň görki-seresi,
Daşoguza buýsanjym bar, sarpam bar.

Watany özgerdýär mirasa sarpaň,
Seni beýgelýändir arkama-arkan,
Arkadagyň saýasynda gül açýan,
Daşoguza buýsanjym bar, sarpam bar.

Aşyk Aýdyň, üç ýüz altmyş pirlerin,
Gaýduwsyz mertleriň, algyr şirleriň,
Mekanyna Görogly deý ärleriň,
Daşoguza buýsanjym bar, sarpam bar.

Galalar şaýady gadymy döwrüň,
Synlanyňda käte diňledýär böwrüň,
Tarypyny diňläp galkynar göwnüm,
Daşoguza buýsanjym bar, sarpam bar.

Bu gün özgeripdir Oguz şäheri,
Waspy şahyrlaryň şirin eseri,
Arkadagyň eşret eçilen ýeri,
Daşoguza buýsanjym bar, sarpam bar. Goşgular